# Diwar / hekaýa

Category: Filosofiýa,Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 25 января, 2025
Diwar / hekaýa DIWAR

*Žan Pol Sartryň iň meşhur eserlerinden biri bolan “LE MUR” (Diwar) atly hekaýasy, 1930-njy ýyllarda, Ispaniýada bolup geçen dartgynly wakalara bagyşlanýar. Ýazyjy, adatdan daşary ýagdaýlarda ynsanyň özüni nähili alyp barşy bilen bagly dramatik ahwallary uly başarnyk bilen suratlandyrýar. Meşhur eseriň türkmençe terjimesini saýtymyzyň okyjylaryna hödürleýäris.*

Bizi köşk kimin giň, ýap-ýagty otaga südürdedip girizdiler. Yşyga gözlerim gamaşdy, gözümi ýumdum. Az salymdan soňra, nazarym stola, stoluň aňyrsynda nähilidir kagyzlary dörjeläp oturan adaty eşikdäki dört sany harba düşdi. Beýleki tussaglar bir çetde üýşüp durdy. Bizem olara goşuldyk. Ençesini tanaýardym, galanlary bosgunlara meňzeýär. Meniň öňümde iki sany biri-birine meňzeş saryýagyz adam durdy, bular fransuzlar bolsa gerek. Boýy pesrägi çalt-çaltdan balagyny ýokaryk çekýärdi, aýagynyň sandyraýandygy görnüp dur.
Şu ýagdaýda üç sagada golaý durduk, kelläm agyryp, gulagym şaňlady. Esasy zat, otag ýyly, biz uzakly gün aňzakda üşäpdik. Esgerler tussag edilenleri gezekli-gezegine stoluň ýanyna alyp barýardy. Dört adam olardan at-familýasyny, kesbi-kärini soraýar. Şu soraglardan aňry geçmeýärdi, kämahal: “Ok-ýarag ogurlamaga gatnaşypmydyň?” ýa-da “Pylanynjy gün irden niredediň, näme iş bilen meşgul bolduň?” diýip soraýardylar. Jogaby bolsa diňlemeýärdilerem ýa-da diňleselerem diňlemedik kişi bolýardylar, daş-töwerege biperwaý seredip, soňra bolsa ýazyp başlaýardylar. Tomdan: “Beýnalmilal guramasyna goşulanyňy boýnuňa alýaňmy?” diýip soradylar. Boýun gaçyranyň peýdasy ýokdy – olar bir eýýäm Tomuň paltunynyň jübüsindäki resminamalary tapypdylar. Huandan bolsa hiç zat soramadylar,

adyny aýdyp aýtmanka, kagyza bir zatlar ýazdylar.
Huan:
– Özüňiz bilýänsiňiz, meň agam Houze anarhiýaçy. Ol häzir bu ýerde ýok. Men syýasat bilen meşgullanmaýaryn. Hiç haýsy partiýaň agzasy hem bolmadym.
Olar sesini çykarman ýazýardylar. Huan gürlemän durup bilmedi:
– Meň günäm ýok. Özgeleriň eden işi üçin jeza çekmekçi däl,- onuň dodaklary titreýär. Esger: “Gap sesiňi!” diýip, ony bir çete iterip, alyp gitdi.
Meň nobatym geldi.
– Seň adyň Pablo Ibbietamy?
Men:
– Hawa–diýdim.
Oturan adam kagyzlara seredip:
–Ramon Gris nirä gizlendi– diýdi.
–Bilemok.
– Sen Grisi altysyndan on dokuzyna çenli öýüňde gizläpsiň.
– Ýalan gürrüň.
Olar ýazuw-pozuwyny dowam etdi, esgerler meni otagdan alyp çykdylar.
Ýodada iki garawulyň ortasynda Tom bilen Huan durdy. Üçümizem bir ýere äkitdiler. Tom esgerleriň birinden:
–Mundan soňra näme bolar?–diýip sorady.
Esger:
– Haýsy manyda?– diýdi.
–Bizi sorag ederlermi ýa-da iş keserler?
–Iş kesiler.
– Indi bize näme ederler?
Esger biperwaý jogap berdi:
– Höküm kamerada yglan ediler.
Olaryň kamera diýýäni, aslynda, öňki hassahananyň ýerzeminidi. Ýerzeminiň sowugyna döz geler ýaly däldi, her tarapdan aýazly şemal gelýärdi. Uzakly gije dişlerimiz şakyrdadyp çykýardyk, gündizlerine-de ýagdaý şundan öwerlik däldi. Mundan ozalky bäş günümi ybadathanaň karserinde geçirdim, bir adamlyk türmä meňzeýän bu ýer, orta asyrlardan galan daşöýlere meňzeýärdi. Tussag edilenleriň çendenaşa köplügi sebäpli, olary tapan-

tupan ýerlerine gabaýardylar.
Men karserde ýatanyma ökünmeýärin, ol ýerde sowuk allajy däldi, emma ýekedim, ýalňyzlyk bolsa adamy ýadadýar. Ýerzeminde, iň bolmanda, daş-töweregimde adamlar bardy. Dogry, Huan agzyny hem açmaýardy, juda gorkýardy, heniz örän ýaşdy, gürlär ýaly gepi hem ýokdy. Tomuň welin, agzy dek durmaýar, ispança suwara gürleýär.
Ýerzeminde bir, uzyn, dördem kiçi oturgyç bardy. Gapy arkamyzdan ýapylansoň, biz azsalym sessiz oturdyk.
Birinji Tom gürrüňe başlady:
– Soňumyz geläýdi öýdýän.
Men:
– Belki, –diýdim– Emma oglanjyga degmeseler gerek?
– Agasy anarhiýaçy bolsa jigisinde näme günä bar.
Huana seretdim, ol diňlemeýän ýalydy. Tom gürrüňini dowam etdi:
– Saragosa-da bularyň nämeler edýäninden habaryň barmy? Ölüme höküm edilen adamlary ýola ýatyryp üstlerinden ýükulag geçirýän ekenler. Marokoşly bir gaçgak bardy, bize şol gürrüň berdi. Aýtmagyna görä, şeýdip ok-ýaraglaryny tygşytlaýan ekenler.
– Benzini tygşytlamaýarlarmyka?
Tom gaharymy getirdi, bu gürrüňleriň bize näme peýdasy barka?
– Esgerler ýoluň gyrasynda ellerini jübülerine sokup, çilim kükedip gezýärmiş. Ol görgülileri derrew öldürýändirler öýdýäňmi? Hijem däl! Biçäreler! Sagatlap ahy-nala çekip ýatýarmyş. Marokoşly, yzanyň azaryndan ýaňa ilki agzymy açmaga-da mejalym bolmady diýýär.
Men:
– Bärde beýtmejekdiklerine ýüz göterim ynanýan,-diýdim-Başga zady bilmedim welin, emma bularyň ok-ýaraglary aňry ýany bilen ýeterlik.
Ýerzemine dört sany deşikden hem-de bamyň (potologyň) çep tarapyndaky ötükden ýagtylyk düşýärdi, ondan asmany arkaýyn synlap bolýar. Bu ötükden öňler kömür oklanýana meňzeýär, ötügiň edil düýbünde kömür üýşmegi ýatyr. Kömri harby hassahanany ýylytmak üçin ulanandyrlar, uruş başlanansoň

hassalary başga ýere göçüripdirler. Her wagt ötükden ýagyş damýar.
Tom:
– Uff, nälet siňmiş,– diýip hüňürdedi:– endam-janymy sowuk aldy, bir şu ýetenokdy.
Ol ýerinden galyp maşk etdi, her bökende ap-ak tüýlek gursagy görünýärdi. Tom etli-ganly, daýaw adamdy. Biygtyýar bu semiz göwrä ok we tüpeňiň naýzalary edil eti kesýän pyçak deýin aňsatjak girjekdigini göz öňüme getirdim. Her mahal bir zadymy ogurladaýmaýyn diýip daş-töweregime garanjaklaýan, penjegimi yzarlap o taý bu taýyny dörjeleýän şol wagtam penjegimi gaýtaryp bermändikleri ýadyma düşýär. Biziň ähli egin-eşiklerimizi sypyryp aldylar, olaryň ornuna hassalaryň tomusda geýýän ýuka balaklaryny berdiler.
Tom biziň garşymyza geçip oturdy.
– Nätdi, bedeniň gyzdymy?
– Ýok. Jyn ursun, gaýtam demim gysdy.
Sagat sekizlerde kamera komendant bilen iki esger geldi. Komendantyň elinde sanaw bardy. Ol sakçylardan:
– Bularyň familýalary näme?– diýip sorady.
Sakçy:
– Steýnbok, Ibbieta, Mirbal.
Komendant äýnegini dakyp sanawa seretdi.
– Steýnbok… Steýnbok… Ä-hä ine. Siz atuwa höküm edildiňiz. Höküm ertir irden ýerine ýetirilýär.
Ol ýene-de sanawa seredip:
– Ana, hol ikisem– diýdi.
Huan aglamjyrap:
– Mümkin däl, bir ýalňyşlyk bolmaly– diýdi.
Komendant geň galyp oňa seretdi.
– At-familýaň?
– Huan Mirbal.
– Hemmesi dogry, atuw.
– Men hiç zat etmedim ahyryn.
Komendant egnini gysdy we bize tarap öwrüldi:
– Siz baskmy?
– Ýok.

Onuň keýpi gaçdy.
– Maňa bärde üç sany bask bar diýipdiler. Näme meň olary gözlemekden başga işim ýokmy. Size ruhany gerekmi?
Biz sesimizi çykarmadyk.
– Häzir siziň ýanyňyza belgiýaly lukman geler, irdene çenli siziň ýanyňyzda bolar– diýip çykyp gitdi.
Tom:
– Hawa, men näme diýipdim. Oky gysganmandyrlar – diýdi.
Men:
– Dogry. Ýöne çagany… Näme üçin? Nejisler.
Bu gepi adalatyň hatyrasyna aýtdym, aslynda welin bu oglanjyga kalbymda zerreçe dözmezçilik ýokdy. Ýüzi örän inçedi. Ölüm gorkusy ýüzüni tanalmaz derejede özgerdipdi, üç gün ozal ýaşaýşyň hyjuwy kalbynda joş urýan görmegeý ýigitdi, indi welin, misli ýykylyp, weýran bolup barýan haraba çalym edýär. Indi ony öldürmän azat etselerem şu ýagdaýyndan aýňalmaz. Umuman oglanjyga rehimim gelýärdi, ýöne bu dözümsizlik gaharymy hem getirýärdi.
Huan soňra agzynam açmady, reňk-peti buz deýin agardy, elleri gögerdi. Gözlerini uludan açyp, ýere bakyp oturdy. Tom mähriban adamdy, ol oglanjygyň elinden tutmakçy boldy, emma oglanjyk, gahar bilen elini çekdi, ýüzi-gözi bürüşdi.
Toma:
– Ony gününe goý!– diýdim– Göreňokmy, ýagdaýyny?!.
Tom, gepime göwünli-göwünsiz gulak asdy, oglanjyga göwünlik bermek isleýärdi, şeýtmek bilen özüniň hem ajy kysmatyny az salymlygam bolsa unutmakçydy. Ikisiniň bolşam meň gaharymy getirýärdi. Öňler men ölüm barada hiç oýlanmandym, oýlanmaga sebäbem bolmandy. Häzir welin, özüme nämäň garaşýandygy barada pikirlenmezlikden başga alajym galmandy.
Tom:
– Maňa seret!– diýdi – Sen olardan birki sanysyny öldüripmidiň?
Men jogap bermedim. Tom awgustyň başyndan bäri altysyny nädip öldürendigini gürrüň berdi. Ol başymyza düşen belany hyýalyna getirmeýärdi we başardygyça ünsüni sowmakçydy. Üstesine nähili pajygaň ýüz berenini özümem doly aňlap ýetişmändim, ýöne janym

çykjak mahaly çekjek azabym barada oýlanýardym, gyzgyn gülle ýagmyrynyň bedenime çümüşini duýýardym. Emma heniz munuň teşwüşüni etmesemem bolýardy, ýagdaýy doly anyklamagym üçin öňümde tutuş bir gije bardy. Tom birden dymyp galdy, gözümiň gytagy bilen oňa seretdim, onuňam reňki ak-tam bolupdyr, haly harapdy. Içimden: “Ana, başlandy!” diýdim.
Garaňky gatlyşdy, ötükden az-kem ýagtylyk gelýärdi. Ötükden ýyldyzlara seretdim. Tün sowuk, asman açykdy.
Gapy açyldy, iki sakçy girdi, olaryň yzyndan Belgiýanyň harby lybasynda, sarymtyl biri geldi. Biz bilen salamlaşyp:
– Men lukman. Häzirki gaýgyly ýagdaýda siziň ýanyňyzda bolaryn– diýdi.
Onuň sesi asylzadalaryňky ýaly ýakymlydy. Men ondan:
– Munuň nähili peýdasy bar?– diýip soradym.
– Men siziň hyzmatyňyzda bolaryn. Elimden geljek ähli kömegi ederin. Soňky sagatlaryňyzy ýeňilleşdirmäge synanyşaryn.
– Ýöne, näme üçin biziň ýanymyza geldiňiz? Gospitalda hassalar kän ahyryn.
– Meni şu ýere ugratdylar– diýip, soňra alňasap gepiniň üstüne goşdy:– Çekýäňizmi? Çilim. Sigaram hem bar.
Ol bize iňlis çilimi bilen Gawana sigarasyny uzatdy. Biz ýüz öwürdik. Oňa ünsli seredim. Ol özüni oňaýsyz duýdy. Men:
– Siz bärik rehim-şepagat etmäge gelmediňiz, dogrumy? Sizi tanadym. Men tussag edilen günüm sizi kazarmaň howlusynda görüpdim. Esgerleriň ýanynda durduňyz.
Men oňa bir topar gep aýtmakçydym, ýöne özüme geň galdym, beýtmedim. Belgiýaly meni gyzyklandyrman goýdy. Öňler men biriniň ýakasyndan tutsam aňsatlyk bilen sypdyrmaýardym. Häzir bolsa umuman gürlemek islemedim. Egnimi gysdym-da başymy başga tarapa öwrüp ýatdym. Birnäçe minutdan soňra, başymy galdyryp seretdim, belgiýaly meni üns bilen synlap oturan eken. Sakçylaram otyrdy. Pedro ýüregi gysyp, näme etjegini bilmeýärdi, her wagt uklamazlyk üçin başyny silkýärdi. Pedro:
– Çyra getireýinmi?– diýdi.
Belgiýaly baş atyp rugsat berdi.
Belgiýalyň asylzadalygy aldawçy, ganhordan tapawutly däl

ýalydy. Ýöne näme diýseňem, rehimsiz aždarha-ha däldi. Onuň sowuklaç, gök gözlerine bakanyňda, ulumsy, hiç bir hilegärlikden gaýtmajak adam diýen pikir döreýärdi. Pedro göz açyp-ýumasy salymda kerosin çyra göterip gelip, uzyn oturgujyň bir çetinde goýdy. Çyraň berýän ýagtysy ujypsyzdy, herniçigem bolsa ýokdan gowudy. Dek düýnem tüm-garaňkyda oturypdyk. Potologa düşýän çyraň şuglasyna ençe wagt seredip oturdym, misli jadylanan deýin gözümi ondan aýryp bilemokdym. Birdenem barçasy zym-zyýat boldy. Şugla söndi. Göterip bolmajak agyr ýük egnimden basýan ýaly, sandyrap gözümi açdym. Ýok, bu gorky däl, ölüm hakykaty baradaky gamly pikirem däl, bu duýgyň nämedigini aňlap bilemokdym. Dodaklarym, ýüzüm ot alan ýaly gyzýar. Kelläm ýarylyp barýar.

Sandyrap, dostlaryma seretdim. Tom eli bilen ýüzüni ýapyp otyrdy. Huan öňküsindenem egbarlapdyr, agzy açyk, burnunyň deşikleri ulalypdyr. Belgiýaly onuň ýanyna baryp, egnine elini goýdy, oňa göwünlik bermekçi boldy öýdýän. Huan hiç zat diýmedi. Belgiýaly onuň bilegini üç barmagynyň arasyna alyp gysyp saklady, görkezmezlik üçin arkasyny maňa öwürdi. Biraz öňe egildim, şonda onuň sagadyny çykaryp, elini göýbermän birnäçe sekunt sagadyna seredenini gördüm. Soňra bir çete süýşüp, diwara söýendi. Nämedir ýadyna düşen ýaly ýandepderçesini çykaryp bir zatlar ýazdy. Meň gaharym geldi: “Nejis, hany meň elimem tutjak bolsun-da, suwa salma ýenjerdim”. Ýanyma gelmedi, emma başymy galdyranymda nazarymyz kaklyşdy. Gözümi aýyrman seredip durdum. Ol maňa:

– Sowugy duýaňyzokmy? – diýdi.

Onuň özi üşäp, sowukdan ýüzi gögeripdi.

– Ýok, men üşämok– diýdim.

Ýöne, ol barybir gözüni menden aýyrmady. Şol mahal gepiň nämedeligine düşündim. Elim bilen ýüzümi syldym, ýüzümi gara der basypdyr. Saçlarymy hem tutup gördüm, öl-myžžyk, egnimdäki köýnegimi sykybermeli bolup, bedenime ýelmeşipdir. Poslap giden bu ýerzeminde, gyşyň aňzak sowgunda, dört tarapdan aýazly şemal urup duran birwagtda endamymdan suw deýin der akýardy. Meni bir sagatdan bäri der basýan eken, men bolsa muny duýmandyrynam. Belgiýaly ýüzümden akýan derleri synlap

oturypdyr. “Ine gorkyň alamaty, ölüm wehiminiň netijesi” diýen bolmagam mümkin. Onuň ýüzüne depmek isledim, ornumdan galyp-galmankam kalbymdaky gahar-gazap ýom-ýok boldy. Ähli zada biparh bolup oturgyja çökdüm. Elýaglyk alyp, boýnumyň derini süpürdim, saçlarymdan akýan derem duýdum, bu ýakymsyz ýagdaý. Süpürinmän oňaýmaly boldum, elýaglyk öl-myžžyk bolupdy, der bolsa hiç diňenok. Arkamdan akan der balagymy oturgyja ýelmeşdirdi.

Huan dillendi:

– Siz lukmanmy?

Belgiýaly:

– Hawa– diýdi.

– Aýtsaňyzlaň… bu… nemedenlerinde gaty agyrýamy… uzak dowam edýärmi?

Belgiýaly mähriban äheňde:

– Haýsy bu… neme… Hä, ýok çalt geçip gidýär.– diýdi.

Daşyndan seretseň, ol özüne pul tölän hassany köşeşdirýän lukmana çalym edýär.

– Men eşidipdim… maňa öň aýdypdylar… kämahal birinji gezek atanlarynda… çykmaýamyş.

Belgiýaly başyny ýaýkady:

– Eger ilkinji atanlarynda, ok janpida agzaňa degmese şeýle bolýar.

– Adam ölmese tüpeňlerini täzeden oklap, gaýtadan nyşana alýalarmy?– Ol sesini biraz peseldip, gamgyn äheňde sözüniň üstüni ýetirdi:– Onuň üçinem esli wagt gerekdir-ä, hämi?

Huany fiziki agyryň azaby howsala salýardy. Elbetde, onuň ýaşynda bu düşünikli ýagdaý. Men bolsa bu barada oýlanamokdymam, bedenimden akýan derem çekjek azabymdan gorkýanym üçin däldi. Ýerimden galyp kömür üýşmegine tarap ýöneldim. Tom maňa gaharlanyp seretdi. Aýagymdaky çokaýymyň jygyrdaýşyndan birahat boldy öýdýän.

Asman gözeldi, meniň oturan ýerime ýagtylyk düşmeýärdi. Indi welin ählisi başgaça. Öňler ybadathanaň karserinde oturanymda islän wagtym asmanyň bir parçasyny synlap bilýärdim. Her sapar asmany synlanymda hyýalymda ýatlamalar janlanýardy. Daň mahaly, asman altynsöw we düýpsiz bolup görünen çaglary

Atlantikaň kenarlaryndaky suwa düşülýän ýerleri göz öňüme getirýärdim. Günortan, güneş dik depä geleninde Sewil çaýhanasy göz öňümde janlanýardy. Ol ýerde men mansenil içip, zeýtun miwesinden iýipdim. Öýlän, gün günbatara aganda, saýa geçip meýdanyň deň ýarsyny eýelän goýy kölegäni synlaýardym, şol wagtyň özünde meýdanyň deň ýarysyny günüň şöhlesi bezeýärdi. Şeýdip asmanyň maňa görünýän dyrnak deýin bir parçasyndan geçmişimi ýatlap gamlanýardym. Emma indi, asmana nähili islesem şeýle bakýardym, ol maňa hiç zady ýatladanok. Maňa şu makul. Öz ýerime gaýdyp, Tomuň gapdalyna geçdim. Hiç kimden ses-seda çykmady.
Birazdan soň, ol pessaý ses bilen gürläp başlady. Tom dymyp oturmaga endik etmedikdi. Sesini çykaranda özüniň diridigine göz ýetirýär. Ol başga tarapa bakyp ýatanam bolsa maňa gürrüň berýärdi. Ýüzüme bakmaga gorkýar, çünki ýüzümi der basan, toprak kimin reňkim solan. Indi biri-birimize juda meňzeýärdik. Birimiz beýlekimiz üçin aýna ýalydyk. Ol belgiýala– diri ynsana seredip:
– Muny aňlamaga aklyň çatýarmy?– diýdi:– meň aklym çatanok.
Menem onuň özi ýaly belgiýala bakyp, pessaý ses bilen gürledim:
– Nämäni aýdýaň?
– Az salymdan başymyzdan injek külpedi aýdýan. Hijem aklyma sygdyryp bilemok. Nähili bolarka?
Tomdan birhili ys gelýändigini duýdum. Yslary öňkä görä has gowy duýmaga başlapdym. Oňa kinaýa bilen:
– Gynanma, birnäçe sagatdan soňra düşünersiň– diýdim.
Barybir ol, şol hörpde dowam etdi.
– Ýok, bu akyla sygjak zat däl. Men soňuna çenli mertlik bilen durmagy isleýän, ýöne men… iň bolmanda bilmegim gerek… Diýmek şeýle… Birnäçe sagatdan soň bizi howla çykararlar. Bu ganhorlar hatara düzülerler. Seniňçe olar näçe sany bolmagy mümkin?
– Bilmedim, bäş bolar, belki sekiz. Mundan köp däl.
– Bolýa, sekiz bolaýsyn. Olara: “Nyşana alyň!” diýip buýruk bererler. Men özüme çenelen sekiz sany tüpeňe seredip durun. Men diwar tarapa süýşmekçi bolýan, arkamy oňa direýän, janu-

tenim bilen diwara ýelmeşmekçi bolýan, misli düýşde–basyrganandaky ýaly diwar meni iterýär. Bularyň baryny men göz öňüme getirýän. Bu hadysalaryň göz öňümde nähili anyk janlanýandygyny bilsediň.

– Bilýän –diýdim– Meňem fantaziýam güýçli.

– Nähili bolanda-da, agyry-azaby güýçli bolsa gerek. Olar ýüzümizi weýran etmek üçin gözümizi, agzymyzy nyşana alyp atýalar ahyryn. Men tenimdäki ýaralary duýýan, bir sagatdan bäri başym, boýnum güýçli agyrýar. Hemişeki agyrylar ýaly däl, olardan bäşbeter, bu daňdan çekjek agyrym. Hawa, ondan soňra näme bolar?

Tomuň näme diýmekçi bolýandygyna juda gowy düşünýärdim, ýöne düşünýändigimi bilmegini islemedim. Endam-janymda onuň aýdýan agyrysyny duýdum, yza tutuş bedenime ýaýrady, muňa öwrenişip bilmedim, emma Tom ýaly agyra ähmiýedem berip durmadym.

– Ondan soňramy?– gaharym gelip soradym:– Jesediňi mör-möjekler iýer.

Bu gepimden soňra ol öz başyna gürläp ugrady, ýöne belgiýalydan gözüni aýyrmady. Belgiýalyň gulagy gapylyp hiç zady eşitmeýän ýalydy. Belgiýalyň näme üçin bärik gelenini bilýärdim. Oňa biziň oý-pikirlerimiz gyzykly däldi, entek dünýäni terk etmedigem bolsak, biziň eýýäm ölüm wehimine düşen tenimizi synlamaga gelipdi.

Tom gürrüňine dowam etdi:

– Bu edil gijeki garabasma ýaly. Bir zatlar oýlanmaga synanyşýaň, muny başaraýjak ýaly, bir minutdan soňra nämänidir aňlan ýaly bolýaň, soňra bolsa barçasy duw-dagyn bolup, pytrap gidýär. Men özüme özüm: “Soňramy? Soňra hiç zat bolanok” diýýän. Emma, munuň manysyna aň ýetirip bilemok, käte bolsa düşünen ýaly bolýan… emma ýene barçasy pytrap gidýär-de olaryň ýerine agyryny, oklaryň, tüpeňleriň atylyşyny oýlap başlaýan. Saňa materialistdigimi ant içip aýtmagym mümkin, akyl-huşym ýerinde diňe oý-pikirlerimi bir ýere jemläp bilemok. Göz öňüme özümiň jansyz jesedim görünýär, bu onçakly kyn däl, ony diňe özüm görýän, jesede bakýanam öz gözlerim. Men özümi, özümden özgäni görmeýän we eşitmeýän, ýaşaýyş bolsa başgalar üçin dowam ediberýär, diýip ynandyrmakçy bolýan. Emma biz bular

ýaly pikirler üçin ýaradylmandyrys. Bilýäňmi näme, bir zatlara garaşyp uzakly gije uklaman çykan wagtlarym bolupdy. Emma, bize daňdan garaşýan bela bütinleý başga zat, Pablo. Ol üstümize abanyp gelýär, oňa taýýar durmak mümkin däl.
Men oňa:
– Bes et– diýdim:– Belki ýanyňa ruhany çagyrarys?
Ol dymdy… Birazdan soň elimden tutup:
– Pablo, men özümden özüm soraýan… her minutda soraýan, çyndanam biz yzsyz-tozsuz ýok bolup giderismi?
Elimi çekip aldym-da, onuň ýüzüne seredip:
– Aýagyň aşagyna bir seret, näme etdiň?– diýdim
Onuň aýagynyň aşagynda kölçe peýda bolupdy, balagyndan damýardy.
Ol tisginip:
– Bu näme?–diýdi.
– Balagyňa goýberipsiň.
Ol:
– Ýalan–diýip gygyrdy:– Ýalan, men hiç zat duýamok.
Belgiýaly ýanymyza geldi.
– Ýaraňyzokmy, ýagdaýyňyz erbetleşýärmi?– diýdi.
Tom jogap bermedi. Beligýaly sesini çykarman suwa seretdi.
Tom gaharly:
– Nädip bolanyny bilemok. Ýöne men gorkamok, ant içip aýdýan gorkamok.
Belgiýaly hiç zat diýmedi. Tom işini doly bitirmäge bir çete ylgap gitdi. Dolanyp gelip oturgyçda oturdy, şondan soň gürlemedi. Belgiýaly özüniň ýazuw-pozuwy bilen meşgul boldy.
Birmahal belgiýalyň kellesine täsin pikir gelen ýaly:
– Dostlarym– diýdi:– Eger harby gurama garşy çykmasa, siziň öz ýakyn adamlaryňyza aýtmakçy soňky sözleriňiz bolsa, olara ýetirmegim mümkin.
Tom ahmyrly:
– Meň hiç kimim ýok– diýdi.
Men hiç zat diýmedim. Tom azsalym durdy-da, gyzyklanyp:
– Konçe aýtjak zadyň ýokmy?– diýdi.
– Ýok.
Bular ýaly gep-sözlere çydap bilemokdym. Ýöne aýyp özümde,

ýakynda oňa Konçe barada gürrüň beripdim, aýtmasam boljak eken. Bir ýylymy Konçe bilen bile geçiripdim. Birki gün ozal Konçe bilen bäş minut görüşmek üçin elimi kesdirmäge-de taýýardym. Şonuň üçinem ol barada Toma gürrüň beripdim, bu duýgyny ýüregime sygdyryp bilmändim. Häzir Konçeni görmegem islämokdym, oňa näme hem diýerdim. Hatda ony gujaklamagam islämokdym, şu wagt buz deýin agaran, dynuwsyz der dökülýän bedenimi özüm ýigrenýärdim. Meň ölenimi eşidip Konçe aglar, birnäçe aý dünýeden doýar. Men ölüme höküm edilen adam. Onuň mylaýym bakýan gözlerini ýatladym, gözleri maňa seredende nazaryndan maňa birzatlar akýan ýaly duýulýar. Eger şu wagt ol, maňa seretse nazary özünde galyp, maňa hiç-hili duýgy gelmedik bolardy. Men indi ýalňyz.
Belgiýaly jübisinden sagadyny çykaryp:
– Dördüň ýary– diýdi.
Nejis, bilgeşleýin sagady aýtdy! Tom ýerinden böküp galdy. Biz oý-hyýallara gümra bolup wagtyň geçýändigini unudypdyk. Tün gara perdesi bilen bizi güýmäpdi, men agşamyň haçan düşendigini ýatlap bilmedim.
Huan samrap başlady, ol eli bilen ýeri sermeläp gygyrdy:
– Men ölmegi islämok, ölmegi islämok.
Ellerini öňe serip ýerzeminiň içinde ylgady, ýüzin ýykylyp üznüksiz aglady. Tom, ümür basan gözleri bilen oňa seretdi, oglanjygy köşeşdirmäge höwesiniň ýokdugy görnüp dur. Köşeşdirmäge zerurlygam ýok. Oglanjyk bize görä batlyrak gykylyk turuzýanam bolsa, biziň çekýän derdimizem onuňkydan ýeňil däl. Ol edil janyny halas etjek bolýan agyr hassa çalym edýär. Biziňki welin has agyr.
Ol aglaýar, özüne gynanýandygy görnüp dur. Ýöne ölümiň doly manysyny bilenokdy. Tasdan menem aglaýjak boldum, özümiň ejizleýändigime gynandym. Emma tersine boldy, oglanjygyň titreýän, horajyk eginlerini görenimde, ne özüme ne-de başga birine gynanara mende güýç galmady. Öz-özüme: “Sen başyňy dik tutup ölmelisiň!” diýdim.
Tom ornundan galdy, açyk ötügiň ýanyna bardy, agaryp başlan asmana seretdi. Men içimden: “Mertlerçe ölmeli, mertlerçe!” diýýärdim, başga zady oýlanamokdym. Belgiýaly sagady ýatladany

bäri wagt çalt geçýärdi. Tom:
— Eşidýäňmi?— diýdi.
— Hawa.
Howludan aýak sesleri geldi.
— Daňdanyň ala-garaňkysynda tentiremek nämä gerekkä?. Bizi garaňkyda atmazlar-a?!.
Men Toma:
— Jahan ýagtylýar— diýdim.
Pedro tisginip ýerinden galdy:
— It ýaly üşedim — diýdi.
Ýerzemine az-kem ýagtylyk düşüp başlady, uzakdan ok sesleri eşidildi.
Toma:
— Başlandy—diýdim:— Arka tarapdaky howluda atýalar öýdýän.
Tom belgiýalydan çilim sorady. Men bolsa şu wagt içmegem, çekmegem islämokdym.
Şondan soňra olar yzyny üzmän tüpeň atdylar.
Tom:
— Düşündiňmi?— diýdi.
Ol ýene bir zatlar aýtmakçy boldy, ýöne gürläp ýetişmedi, gapa seretdi. Gapy açylyp dört sany esger bilen leýtenant girdi. Tomuň agzyndaky çilim ýere gaçdy.
— Steýnbok?
Tom jogap bermedi. Pedro onuň oturan ýerine ümledi.
— Huan Mirbal?
— Ana, ol, oturgyçda otyr.
Leýtenant gygyryp:
—Turuň!— diýdi.
Huan gymyldamady. Iki esger onuň goltugyndan tutup galdyrdy, emma esgerler elini çekensoň ýere ýykyldy. Esgerler näme etjegini bilmedi.
Leýtenant:
— Muň ýaly ýagdaýy indi görmeli däl — diýdi: — göterip äkitmeli bolar, bolýa, hemme zat bolmalysy ýaly bolar.
Ol Toma öwrülip:
— Çyk!— diýdi.
Tomy iki esger äkitdi, beýleki ikisi bolsa Huanyň egninden

göterip olaryň yzyndan gitdi. Huanyň huşy ýerindedi, gözleri şakäse kimin açyk, ýaňaklaryndan gözýaş dökülýär. Menem gapa tarap ýöneldim. Leýtenant:
– Siz Ibbietamy?– diýdi.
– Hawa.
– Biraz garaşyň, sizi almaga gelerler.
Ol çykyp gitdi, belgiýaly we iki sakçam gitdi. Ýeke özüm galdym. Nämeleriň bolýandygyna düşünmedim, boljak zadyň çaltrak bolmagyny isleýärdim. Ok sesleri anyk eşidilýär, tüpeňleriň sessiz durýan wagty juda az. Her sapar okuň sesi gelende inim tikenekleýär. Uwlasym, saçlarymy ütesim gelýär. Dişimi gysyp, ellerimi jübüme sokdum, çydamalysyň!. Bir sagatdan soňra meni äkitdiler. Birinji gatdaky kiçijik otaga eltdiler, bu otagda çilimiň tüssesinden ýaňa dem alar ýaly däl, dymyk. Iki sany harby, ýumşajyk kürsüde oturyp çilim kükedýär, dyzlarynyň üstünde birnäçe kagyz bar.
– Adyň Ibbietamy?
– Hawa.
– Ramon Gris nirä gizlendi?
– Bilemok.
Meni sorag edýän semiz, kelte adamdy. Onuň gözleri äýnegiň astyndan maňa ok deýin çenelipdi. Ol maňa:
– Golaýrak gel!– diýdi.
Golaýyna bardym. Ýerinden galyp meň gözlerime şeýlebir dikanlap seretdi welin, bu bakyşy bilen meni dowzahyň azabyna giriftar etjek ýaly. Soňra ol elimi gaňryp başlady, elimi gaňryp meni gynamakçy bolanok, ýöne özüniň hökmürowandygyny duýdurmak isleýär. Ol ýüzüni ýüzüme ýakyn getirip, bir minut ýaly seredip durdy, gülmän zordan saklandym, az wagtdan soňra, ölüme sezewar boljak adamy bujagaz hereketler gorkuzyp bilermi, bujagaz hokgalary täsir edermi?! Ol gursagymdan itiberip goýberdi. Ýerinde oturyp:
– Sen onuň nirededigini aýtsaň diri galarsyň– diýdi.
Bu adamlaryňam boýnundaky boýunbaglary, aýaklaryndaky gözüňi gamaşdyrýan ýaldyrawyk ädikleri bilen bir gün ajala duçar boljakdyklary anyk. Dogry, menden soňra, ýöne aradan köp wagt geçmez. Olar ellerindäki kagyzlara ýazylan atlara bellik

goýýardylar, olar adamlary tazy kimin kowup, tutup ýa tussag edýärdiler ýa-da it deýin atýardylar. Ispaniýaň geljegi we başga köp zatlar hakynda öz garaýýşlary bardy.
Semiz menden gözüni aýranok, ädiginiň gonjuna gamçysy bilen kakýar. Bu hereketi bilen özüni ýyrtyjy haýwan ýaly gaharjaň görkezmekçi bolýar.
– Hawa, düşündiňmi?
– Grisiň häzir nirededigini bilemok. Belki Madriddadyr.
Ol:
– Saňa pikirlenmek üçin 15 minut wagt berýäs. –diýdi:– Muny eşik çalşylýan otaga eltiň, 15 minutdan getiriň. Eger garşylyk görkezse ýerinde atyň.
Nejisler, näme etmelidigini bilýärler. Meni bir gije garaşdyrdylar, ýerzeminde bir sagat ýalňyz oturdym, bu wagtda Huan bilen Tomy öldürdiler. Indi otaga gabap goýmakçylar– bu oýunlary öňünden meýilleşdirýärler. Ruhyýeti çydamaz, boýun eger, diýýändirler, ýöne ýalňyşýarlar. Elbetde Ramon Grisiň nirä gizlenendigini bilýärdim, şäherden dört kilometr uzaklykdaky agasynyň öýünde gizlenipdi. Eger meni gynamasalar hiç haçan onuň gizlenen ýerini aýtmajagymy juda gowy bilýärdim. Üstesine men barça zatdan sowapdym. Emma şol birwagtda näme üçin beýdýändigimi bilmegem isleýärdim, nämüçin men başgaça bolup bilemok? Neçün men, it ýaly ölüp gitmeli, näme sebäpden Ramon Grisi satmaly däl? Hawa, nämüçin? Ramon Grise hormatym galmady ahyryn. Oňa hormatym, gardaşlyk duýgularym geçen gije zym-zyýat bolupdy ahbetin, Konçe bolan söýgim, ýaşaýyş hyjuwy – barça-barçasy ýom-ýok bolmandymy?!
Dogry, şol wagta çenli Grise hormatym çäksizdi, ol gaýduwsyz adamdy. Nämede bolsa onuň üçin gurban bolmagy boýnuma alypdym, onuň ömri meňkä görä gymmatlyrakdy, aslynda ömrüň, diriligiň ýeke teňňelik gadyr-gymmaty ýok ýalam. Adamy diwara diräp, ýüz-gözüne ok ýagdyrsalar, atyp öldürseler (bu menmi ýa Ramon Grismi ýa-da başga birimi) ynsanyň gadyr-gymmaty galmaýar, barça zadyň ähmiýeti ýitýär. Emma men şu wagt diri, Ramon Grisi satyp janymy halas etsem bolýar, ýöne muny etmeýän. Eşek ýaly kejirligim özüme gyzykly göründi, öz-özüme: “Bäh, şu derejede samsyk bolarmyň?!” diýdim, hatda az-kem keýpimem

göterildi.
Olar meni şol dar otaga eltdiler, aýagymyň aşagyndan syçan ylgap geçip gitdi, bulam maňa gyzykly göründi. Sakçylardan birine:
– Seret syçanjyk– diýdim.
Sakçy jogap bermedi.
Semiz adam:
– Hawa– diýdi:– pikirlendiňmi?
– Hawa, onuň haýsy ýerdedigini bilýän –diýdim:– Gris gonamçylykda gizlendi, gümmezleriň birinde ýa-da garawulhanada bolmaly.
Soňky pursadymda bulary gowuja aldasym geldi. Howlugyp ok-ýaraglaryny alyşlaryny, çalt-çalt buýruk berişlerini göresim geldi. Çyndanam olar oturan ýerlerinden böküp galdylar.
–Gitdik. Moles, leýtenant Lopesden on bäş adam alyň.
Semiz:
– Dogruňy aýdan bolsaň sözümiň üstünde dueraryn– diýdi:– Eger aldan bolsaň, janyňdan umydyňy üzäýgin.
Olar çykyp gitdi. Men sakçylaryň gabawynda, oturan ýerimde galdym. Herniçigem bolsa akylly iş etdim, diýdim. Olaryň gümmezleriň gapylaryny açyşlaryny, gabyr daşlaryny göterip, mazarlaryň içine seredişlerini, köseniişlerini göz öňüme getirip, şatlandym. Aradan bir ýarym sagat geçdi, semiz gaýdyp geldi. Indi meni atyp taşlamaga buýruk berer öýtdüm. Emma ol maňa ünsli seretdi, ol aldanan adama çalym etmeýärdi. Ol:
– Muny uly howla äkidip, beýlekilere goşuň–diýdi:– Uruşdan soň ykbalyny tribunal (harby kazyýet) çözer.
Onuň sözlerine düzüwli düşünen däldirin öýdüp, ondan:
– Näme, meni atanoklarmy?– diýdim.
– Umuman aýdanda, häzir-ä atanoklar. Onsoňam, bu indi meň wezipäme degişli däl.
Nämeleriň bolýandygyna aklym ýetmedi.
–Näme üçin? – diýip, geň galdym.
Ol gürlemän egnini gysdy. Esgerler meni alyp çykdy. Uly howluda ýüze golaý tussag, garrylar, çagalar üýşüp durdy. Nämeleriň bolýandygyna akyl ýetirip bilmän, howlyň ortasyndaky gülleriň ýanynda gezmeläp başladym. Agşam bizi naharhana

eltdiler, iki-üç adam meň bilen gürleşmekçi boldy, emma men, jogap bermedim. Men indi nirede, nämeler bolýar– düşünemokdym. Gije howla ýene bir topar tussag edilenleri getirdiler. Olaryň arasyndan çörekçi Gersiani tanadym, ol meni görüp:
– Bagtyň çüwüpdir. Seni diri görerin öýtmändim–diýip seslendi.
Men:
– Olar meni atuwa höküm etdiler– diýdim:– Soňra pikirlerinden dändiler, näme üçin beýtdiler, bilmedim.
Gersian:
– Olar meni sagat ikide tutdular– diýdi.
– Näme üçin?
Gersian syýasata goşulanokdy.
– Umuman, düşünemok– diýdi– Olar özleri ýaly pikirlenmeýänleriň ählisini ýygnap ýörler– diýdi.
Ol sesini peseldip:
–Grisi ele saldylar,– diýdi.
–Haçan?
– Bu gün irden. Özi samsyklyk etdi-dä, çarşenbe güni agasy bilen urşup, onuň öýünden gitdi. Grisi gizlejekler kändi welin, emma ol hiç kime zelelim ýetmesin diýdi. Maňa: “Ibbietaň öýünde gizlensem bolardy, ýöne ony tussag edipdirler, gowusy gonamçylykda gizlenäýin” diýdi.
– Gonamçylykda diýýäňmi?
– Hawa. Samsyklyk etdi. Bu gün irden olar gonamçylyga döküldiler. Gris garawulyň öýjegazynda eken, öýi gabadylar. Gris ok atyp, garşylyk görkezdi, ony atyp öldürdiler.
– Gonamçylykda diýsene.
Gözümiň öňi garaňkyrap, ýüzin ýykyldym. Sesimiň ýetdiginden, şeýlebir ha-ha-haýlap, üznüksiz gülýärdim, gözýaşym bolsa derýa bolup akýardy.

**Žan Pol SARTR**

1939 ý.
Terjime eden: Saparmyrat GÜRGENÇLI

Awtor barada gysgaça maglumat:

Žan Pol Sartr
(1905–1980 ý.)
(Jean-Paul Charles Aymard Sartre)

Žan Pol Sartr, fransuz ýazyjysy, pelsepeçi, dramaturg. XX asyr dünýä edebiýatynyň we filosofiýasynyň görnükli wekili, ekzistensializm nazaryýetçisi we geniýsi hem-de ekzistensializm akymyny esaslandyranlardan biri. Nobel baýragynyň laureaty (1960-njy ýyl)

***
…Bu döwürde ýekeje fransuz intelligenti hem oňa deňleşip bilenokdy. Önjeýlilikde ýazyjylar hem, pelsepeçiler hem onuň saýasynda galypdy. XX asyrda, Sartryň şahsyýeti bilen diňe geçen asyrdaky Wiktor Gýugonyň şahsyýetini deňeşdirmek mümkin…

**Mişel Winoka, sungatşynas-taryhçy.** Hekaýalar